# BRIT ŞALOM

## PARAHATÇYLYK BIRLEŞIGI

## BNEÝ NOAH (Noah ogullary) ÜÇIN AMALY KANUNLAR

Rawwin Uri Şerki

# MAZMUNY

GIRIŞ………………………………………….4

1-nji bap
BNEÝ NOAH DIÝIP KIME AÝDYLÝAR?........10

2-nji bap
ESASY ÝÖRELGELER……………………….....12

3-nji bap
HUDAÝY BILMEK
(butparazlygy gadagan etmek)……………………14

4-nji bap
HUDAÝA DIL ÝETIRMEK GADAGANLYGY..19

5-nji bap
ADAM ÖMRÜNI GORAMAK
(adam öldürmek gadaganlygy)……………………23

6-nji bap
MAŞGALA……………………………………..28

7-nji bap
EMLÄGIŇ EL DEGRILMEZLIGI
(ogurlyk gadaganlygy)…………………………32

8-nji bap
HAÝWANLAR.(diri haýwandan bölegini iýmek gadaganlygy)……………………………………..35

9-nji bap
KAZYÝET ULGAMY
(hukuk kadalar kanunlary)………………………….40

10-nji bap
DÖWLET KANUNLARY………………………….43

11-nji bap
BEÝIK BIRIBARA GULLUK ETMEK………...44

12-nji bap
GOŞMAÇA BUÝRUKLAR……………………….48

13-nji bap
BUÝRUKLARY GOŞMAK……………………….52

14-nji bap
AHLAKLY EDIM-GYLYM……………………….54

# Giriş

Häzirki wagtda adamzadyň sany takmynan ýedi milliarda golaýlaşdy. Ozal dünýäde adamlaryň sany hiç wagt beýle ululyga ýetmändi. Şeýle uly adamzatda gizlenen gurmak potensialy gaty beýik we şol bir wagtyň özünde ýykmak güýçleri hem örän uly. Geljek duman içinde gizlenýär. Hemme zat adamlaryň özlerini alyp barşyna baglydyr - olar öz tagallalaryny döretmäge we hakyky bagta yetmäge ýa-da ýykyp ýumurmaga we hyýaly abadançylyga ýetmäge gönükdirýärmi.

Durmuşda haýsy gymmatlyklardan ugur almagymyz hakda giňden ýaýran garşy durmalar bar. Bu garşy durmalyk, beýleki zatlardan başga, häzirki wagtda siwilizasiýa çaknyşygy diýlip atlandyrylýar. Esasan bu garşylyk özüniň dürli görnüşliginde günbatar dünýäsi bilen yslam dünýäsiniň arasynda bolup geçýär. Onuň beyleki täsirlerini başga, yagny Günorta-Gündogar Aziýanyň medeniýet statusynyň ýokarlanmagy we dünýäniň garşy tarapyndaky ”New age” hereketi ýaly proseslerde-de görmek bolýar. Soňky birnäçe asyryň dowamynda adamzatda bolup geçen ägirt uly özgerişler dünýäni tanalmaz derejede öňe sürdi, şonuň bilen bilelikde-de aljyraňňylyk we boşluk duýgusyny döretdi. Gan döküşikli dünýä uruşlar adamlary adamzat üçin manyly geljegi gözlemekde has hem umytsyzlyga uçramaga mejbur etdi.

döwründe ýewreý halkynyň öz ýurduna dolanmak we syýasy garaşsyzlygy gazanmak prosesi hem bolup geçdi. "Siona gaýdyp gelmek" dünýädäki her bir pikirlenýän we jogapkär adam üçin çuň mana eýe, çünki Ysraýyl halky dünýäniň iň möhüm medeniýetleriniň nyşanlar dünýäsinde aýratyn orny eýeleýär, sebäbi ol adamzadyň köpçülikleýin aňynda çuňňur yz galdyrdy. Ysraýyl döwletiniň döredilmegi köpler üçin teologiki syr ýa-da her niçigem bolsa, taryhy proseslere we Mukaddes Kitap halkynyň tutýan ornuna täzeden başgaça düşünmeklerine sebäp bolýar. Bu ýagdaý ýewreý halkyndan beýleki halklaryň: "Ysraýyl ogullary, bize näme aýdyp bermeli?"diýen görnüp duran soragyna jogap bermegini talap edýär. Uzak wagtlap Ysraýyl jemgyýeti diňe ölman galmak ugrundaky göreş we ykdysady abadançylyklaryny düzetmek aladasy bilen meşgullandy, şonuň üçin ýewreý adatyna mahsus bolan ruhy meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy diňe öz aralarynda bolup geçýärdi we umumy medeniýet bilen hiç hili baglanyşygy ýok diýen ýalydy. Häzir iudaizmiň uniwersal ähmiýetini we täze dünýäniň gurulmagyna kömek etjek täze döwüre goşmaly goşandyny aýdyňlaşdyrmagyň wagty geldi.

Aşakda beýan edilenler bu Ysraýyl bilen dünýä halklarynyň arasyndaky gepleşikleri ýaňadan dowam etdirmek baradaky teklipdir. Okyja görkezilen eser esasan amaly kanunlara bagyşlanandyr (*ǵalaha*).

Şeýle-de bolsa, amaly kanunyň umumy adamzat we

bölekleýin iudaizm üçin ruhy we ahlak dünýäsiniň bütin ýygyndysynyň ýöne bir şahasydygyna düşünmek möhümdir. Adamzat özüni meňzetme etmek (samoidentifikasiýa) üçin birnäçe wariantlary bilýär we elbetde, kitabymyzyň mazmunynda ähli halklaryň ruhy baýlygyna laýyklaşdyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin dürli medeniýetleriň wekilleriniň arasynda olar üçin bereket bolar ýaly, çuňňur gepleşikleriň zerurdygyna düşünip bolar.

Häzirki wagtda dünýäde düşünişmezlikler bilen baglanyşykly meseleleriň biri Hudaýyň we adamyň orny baradaky sorag. Günbatar medeniýetinde grek filosofiýasyndan miras galan düşünje boýunça - adam hemme zadyň merkezi, emma Hudaý, Ol bar bolsa-da, merkezden daşda. Bu düşünje görä ideal syýasy gurluş uçin demokratiýa we bölekleýin liberalizm gerek. Bu çemeleşme hökmany suratda adam azatlygyny we netijede başyna goýberilenligi göz öňünde tutýar.

Yslam dünýäsi öz tarapyndan, bu bazis pozisiýalar bilen razylaşmaýar we Hudaý hemme zadyň tüýs merkezi diyen adaty pozisiýa eýerýär. Bu pozisiýa görä adam Hudaýa doly boýun bolmak üçin merkezden daşda ýerleşýär. Şonuň üçin Günbatara mahsus bolan ösüş yslam tarapyndan şübheli bir zat hökmünde kabul edilýär we onuň bilen bilelikde barýan başyna goýberilmeklik ahlaksyzlygyň subutnamasy bolup hyzmat edýär. Demokratik dolandyryş dini bütewilige howp salýan

hökmünde görülýär.

Bir seretseň, bu gapma-garşylykda ýaraşyk we düşünişmek mümkin däl ýaly. Şeýle-de bolsa, bu iki siwilizasiýa, eger olar iudaizmiň unikal ýüzlenmesine gulak assalar, ýaraşyk üçin biri-biri bilen duşuşyp bilerler. Ýewreý halkyň adatyna görä, merkezde Hudaý-da, adam-da ýerleşmeýär, eýsem olaryň arasyndaky gepleşik adamyň Dünýä ýaradylyşynyň tamamlanmagyna gatnaşmagydyr. Şonda, ýokarda beýan edilen düşünişmezlikleriň ylalaşyksyzlygy ýitýär. Ýaradyjy bilen ýaradylyşyň arasynda mähribanlyk bar we bu mähribanlyk şahsy we jemgyýetçilik durmuşynda ýüze çykýar. Ýaradyjy bilen Ynsanyň hyzmatdaşlygy biziň döwürimizde “Siona gaýdyp gelmek” prosesinde we Hudaýyň barlygy Ysraýyl döwletinde Öz halkynyň arasyna dolanmagy bilen amala aşyrylýar.

Adamlaryň ahlak parahatçylygyny bozýan başga bir mesele, gymmatlyklar bütewiliginiň meselesidir. Birek-birege ters gelýän ýaly görünýän gymmatlyklary birleşdirmek üçin ideal çözgüt entek tapylmady. Gürrüň rehimlilik we kanun arasyndaky gatnaşyk barada gidende, bu mesele bütin ýitiligi bilen ýüze çykýar. Hristiançylyk dünýä ahlak gymmatlyk hökmünde diňe rehimlilik we diňe ol baradaky pikiri goýan bolsa, (bu günbatar medeniýetiniň ähli ugurlarynda görünýär), yslam dini Hudaýyň erki hökmünde, bütin agyrlyk derejesinde hökum çykarylmagyň tarapyny tutýar.

Bu meselede-de iudaizm adamzada kömege gelýär. Mukades kitap (bibliya) we Talmud adatlary iş ýüzünde gymmatlyklaryň bütewiligini nädip gazanyp boljakdygyny öwredýär. Iň ýokary ahlak ideal “rehimdarlyk we adalat etmekdir” (*Bereşit, 18:19*). Bu bütewiligiň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi, özüne garşy töhmetleriň hemmesine garamazdan, Ysraýyl döwletiniň uruşlarynda-da, içindäki duşmançylyk toparlara adalatly çemeleşilmegi bilen içerki syýasat derejesinde-de ýüze çykýar.

Adamzat Ysraýyl halkynyň pygamberlik alyp baryjy, Ylahy Ylhamy ýaýratmak üçin bir kanal bolup hyzmat edýändigini bilýär. Hut şonuň üçin, "Milletler üçin Ýagtylyk" bolar ýaly Ysraýylyň aýratyn wezipesiniň bardygy mälimdir. Ýewreý halkynyň Hudaýyň Sözüni wagyz ediji hökmünde aýratyn ornuny, adam bedeniniň beýleki organlarynyň arasynda ýüregiň roly bilen deňeşdirip bolar (*Kuzari, 2:36*). Bizde artykmaçlyk duýgusy ýok, ýöne biz dünýäni düzetmek ugrundaky jogapkärçiligimizi bilýäris. Uniwersal roluna talapkärlik edýän, ýöne hakykatda öz yzyna eýerijileri imperialistlere öwürýän we olara özüne meňzeş bolmagy boýnuna dakýan beyleki dini adatlardan tapawutlykda, ýahudylyk hiç kimiň medeni baýlygyny ýok etmegi islemeýär, tersine, Ýagtylygy ýaýratmak rolundan kanagatlanýar we hökmürowanlygy talap etmeýär. Şonuň üçin pygamberler dünýä halklarynyň Ysraýyl halkyndan özboluşly meňzeşligine laýyklykda her bir millete, jemgyýetçilik

gurluşyna ýa-da şahsy adama laýyk gelýän köp ugurly öwüt nesihatlary almalydygy barada juda gowy ýagdaý barada aýtdylar: “Köp halklar gelip, şeýle diýerler: “Geliň, Rebbiň dagyna - Ýakubyň Hudaýynyň öýüne çykalyň: ýodalaryndan ýörär ýaly, Ol bize Öz ýollaryny öwreder”.(*Ýeşaýagu, 2:3*).

Iudaizm adatynda, Beýt Midraşyň ("Taglymat öýi") içinde köp nesilleriň ýewreý ruhy mugallymlaryna tanyş bolan "Bneý Noah üçin taglymat" ("Nuhuň ogullary") diýlen bir ugur bar. Sürgün döwründe onuň öwrenilmegi diňe teoretiki bolupdy, ýöne Ysraýyl halky öz topragyna gaýdyp gelenden soň, dürli halklara degişli bolan köp adam bu taglymatyň mazmunyna amaly gyzyklanma görkezip başlady. Şol taglymat beýleki zatlar bilen birlikde jikme-jik amaly görkezmeleri içine alýar - *ǵalahot*. Şonuň üçin men bu zatlar bilen gyzyklanýanlar üçin amaly görkezmeler kitaby (*ǵalahot*) düzmegi dogry hasapladym. Bu özlerini Bneý Noah hasaplaýan her bir erkek we aýal üçin degişli esasy kanunlaryň gözden geçirilmesi, belli bir derejede gysga we mazmunly *Şulhan Aruh*. Amaly meselelere bagyşlanan”Brit Şalom – Parahatçylyk birleşigi” (Parahatçylyk ähti) atly bu kitap, ruhy durmuşa bagyşlanan Bneý Noah üçin “Brit Olam” – “Baky birleşik” (Baky äht) doga kitabynyň üstüni ýetirýär. “Men olar bilen parahatçylyk ähtini baglaşaryn, bu baky äht bolar” (*Ýehezkel, 37:26*).

Bu kanunlary jikme-jik anyklamakda we çeşmelerini

gözlemekde maňa kömek edenlere: dürli jedelli meseleleriň jikme-jik seljermesi bilen meşgullanan rawwin Malko Sopir we wagtyny, tagalla baryny sarp eden okuwçym rawwin Ýehiel Erlihe sag bolsun aýdýaryn. Ol gaýratlylyk bilen özüni bu mukaddes işe bagyşlady. Goý, Hudaý olary eden işleri üçin doly ölçeg bilen sylaglasyn.

Bu kitap Hudaýyň we adamlaryň göwnünden turar diýip umyt edýärin.

**1-nji bap. Bneý Noah diýip kime aýdylýar?**

"Hudaý Noaha we onuň ogullaryna ýüzlenip şeýle diýdi: Ine, men siz we sizden soňky geljek nesilleriňiz bilen ähtimi baglaşýaryn."(*Bereşit, 9:8-9*).

1. Adam "Hudaýyň keşbinde" ýaradylypdyr diýip, Töwratda aýdylyşyna görä, Dünýäniň Ýaradyjysy adamy ähli janly jandarlardan aýratynlaşdyrdy.
2. Ýaradyjy adamlar bilen äht baglaşandygyny Ysraýyl halkynyň adaty tassyklaýar. Bu ähtiň esasy ýedi buýrukdan duryp, olar "Bneý Noah buýruklary" diýlip atlandyrylýar.
3. Her bir adam Bneý Noah buýrulan ýedi buýrugy ýerine ýetirmek jogapkärçiligini öz üstüne almaly
4. Buýruklary kabul etmekden başga-da, her bir adam bu buýruklary iş ýüzünde ýerine ýetirmäge borçly.
5. Bneý Noah buýruklaryny kabul etmeýän we ýerine ýetirmeýänlere rawwin edebiýatynda "*goý*" ýa-da "*nohri*" diýilýär (ýagny, "özge milletli" ýa-da "ýat adam").

6. Olary kabul eden we ýerine ýetirýän adama "Ben Noah" diýilýär.
7. Eger adam üç rawwinden duran *Beýt Diniň* (dini kazyýetiniň) öňünde bu buýruklary kabul eden bolsa, oňa *ger toşaw* (“göçüp gelen”) diýilýär we oňa Ysraýyl topragynda ýaşamaga rugsat berilýär.
8. Eger adam bu tabşyryklary Ysraýyl ogullarynyň üsti bilen berlen Moşenyň taglymatynyň dogrudygyny ykrar edip kabul etse, oňa "dünýä halklarynyň dogruçyl adamy" diýilýär we ol Ysraýyl halky bilen bilelikde Geljek Dünýäde miras alýar.
9. Bu tabşyryklary Töwrata ynanýandygy üçin däl-de, pähim ýa-da ahlak zerurlygy hökmünde ýerine ýetirýän adam “dünýä halklaryň akyldary” hasaplanýar.
10. Ýedi buýruk bular: butparazlygyň gadaganlygy, Hudaýa dil ýetirmek gadaganlygy, adam öldürmek gadaganlygy, zyna etmek gadaganlygy, ogurlyk etmek gadaganlygy, diri haýwanyň böleklerini iýmek gadaganlygy, adalatly kazyýeti ýola goýmak.
11. Bu ýedi buýruklar jikme-jik indiki baplarda düşündiriler.
12. Ýokardaky ýedi buýruk Bneý Noah taglymatynyň esasyny düzýär, şeýle-de ol Ýaradana ýakynlaşmakda ýaşaýyş üçin has möhüm bolan - Töwraty öwrenmek, doga, haýyr-sahawat, ruhy häsiýetleri düzetmek ýaly başga-da köp bölümlerden durýar. Olar hem aşakda bellenýär.

13. Bu ýerde biz diňe ýewreý dällere degişli kanunlary göz öňünde tutýarys. Dünýä halklary bilen baglanyşykly ýewreýlere degişli kanunlary bäride getirmeris.

**2-nji bap. Esasy ýörelgeler.**

"Hudaý bu sözleriň hemmesini aýtdy" (*Şmot,20:1*).

1. Ýaradanyň islegi adamlara pygamberlik kanaly arkaly aýan bolýar.
2. Pygamberlik ylhamynyň iň ýokary nokady - bu Ylahy Töwratyň "Gökden Hudaýdan" berilmegi.
3. Bir adam özüni adamlara öwüt nesihat bermek üçin Hudaý tarapyndan iberilendigini nygtasa, pygamberliginiň hakykylygyny we nä derejede onuň sözleri boýunça ýöremeklige borçlulygyň bardygyny kesgitlemek üçin Ysraýylyň akyldarlaryna ýüzlenmeli.
4. Tebigy ahlak duýgusyndan, sagdyn düşünjeden we özüni dogruçyl alyp baryşdan gelýän ähli buýruklar Bneý Noah üçin hökmanydyr.
5. Ýewreý däller özleri üçin ýewreý akyldarlarynyň razylygy bolmazdan dini düzgünleri döretmeli däldir.
6. Tehnologik ösüşi goşmak bilen dünýäni özleşdirme, bilimleri giňeltme, edep-ekramlygy gowulandyrma we ýaradylyş üçin alada - bular Hudaýyň islegine laýyklykda dünýäniň bolmagy üçin uly ähmiýete eýe.
7. Ýewreý akyldarlarynyň käbiri dürli aýratyn wakalara degişli we Talmudda ýa-da kodekslerde agzalmaýan Bneý Noah amaly kanunlarynyň ýewreý kanunlary bilen meňzeşlikde çözülmeli diýip hasaplaýarlar, beýlekileri

Bneý Noahlardan çykan akyldarlar bu ýagdaýlarda öz kanun çykaryjy kararlaryny berip bilerler diýip aýdýarlar. Bu ikinji pikire eýermek dogry.
8. Ýewreý kanunlarynda kabul edilen ölçegler ("zeýtunyň ululygy", "ýumurtganyň ululygy" we şuňa meňzeşler) Bneý Noah üçin hökmany däl.
9. Kiçijik Ben Noah çaga üçin buýruklary berjaý etmek hökman däldir.
10. Doglandan bäri lal-güňler we akylsyz adamlar buýruklary ýerine ýetirmekden boşadylýar. Şeýle-de bolsa, biziň döwrümizde lal-güňler akylly hasaplanýar.
11. Bneý Noah "öldürme" buýrugyndan başga, buýruklary ýerine ýetirmek üçin janyny pida etmeli däldir. Şeýle-de bolsa, kimdir biri buýrugy bozmazlyk üçin janyny pida etmek islese, muny edip biler we bu ýagdaýda "Onuň Adyny mukaddes eden" hasaplanýar.
12. Akyldarlaryň goşan ýewreýlere degişli goşmaça çäklendirmeleri we buýruklary (*diwreý sofrim*) Bneý Noah üçin hökmany däldir.
13. Halky tarapyndan karar çykarmak we kazyýetlerinde höküm çykarmak üçin abraýly hökmünde ykrar edilen Bneý Noah akyldarlary bu ýedi buýrugy, şeýle hem öz halkynyň däp-dessurlaryny we pikirleniş usullaryny gowy bilmelidirler.
14. Bneý Noah kanunlary erkeklere we aýallara degişlidir.
15. Bneý Noah bilen baglanyşykly kanuna şübhelenilýän tärde, aňsatlaşdyryjy pikir boýunça gidilýär.

16. Käbir buýruklary bilmezlikden bozan Ben Noah jezadan azat.
17. 27 *marheşwana* - Noah gämiden çykyp, Bneý Noah buýruklaryny alan güni. Şonuň üçin käbir Bneý Noah jemgyýetlerinde bu gün "halklaryň baýramy" hökmünde bellenilýär.

**3-nji bap. Hudaýy bilmek (butparazlygy gadagan etmek)**

“ Hudaýyň Reb Mendirin “(*Şmot,20:2*).
“ Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdir” (*Dwarim,6:4*).
“Oňa ýol görkezen ýeke-täk Reb boldy. Onuň bilen bolmady keseki hudaý” (*Dwarim,32:12*).
“Seniň Menden başga hudaýlaryň bolmasyn” (*Şmot,20:3*).

1. Taňrynyň barlygyna we Onuň birdigine ynanmak Ysraýyl halkynyň mirasydyr we şonuň üçin ýewreýler beýleki hudaýlara çokunmagyň mümkin däldigini bütin dünýä wagyz etmeli.
2. Ynsan durmuşynyň maksady - Hudaýy tanamakdyr. Hudaýy tanama Ondan gorkuny we Oňa bolan söýgüni öz içine alýar. Hudaýa bolan söýgi bu imany adamlaryň ýüregine ýakynlaşdyrýan islendik hereketi ýa-da özüňi alyp barşy hem öz içine alýar.
3. Adam Hudaýy söýmeýän bolsa, ýöne Ony tanamaga çalyşýan bolsa, söýgi bilim bilen birlikde ýüze çykar. Şonuň üçin adam başarnygyna görä paýhasy artdyrmalydyr.

4. Adam diňe dünýäni Ýaradana boýun bolýar, başga hiç kime boýun bolmaýar.
5. Şonuň üçin Töwrat adama Rebbe gulluk etmekden başga islendik ritual gullugy gadagan edýär. Muňa butparazlygyň gadagan edilmegi diýilýär.
6. Ýaradana gulluk etmeklige hakyky ýa-da adatdan daşary başga bir zady goşmak gadagandyr. Bu gadaganlyk "goşulmalygy gadagan etmek" (*şituf*) diýlip atlandyrylýar we bu hudaý derejesine göterlen adamyň Ýaradana goşulmagyny göz öňünde tutýan hristian dinine-de degişlidir.
7. Ýaradyjynyň Adyna däl gadagan ritual hereketlere bular degişlidir: ritual baş egmeklik, haýwany soýmaklyk, gurbanlyk ýa-da ýakymly ysly tütetgi ýakmak we şuňa meňzeşler, şeýle hem islendik içgileri guýmaklyk. Mundan başga-da, manysynda öz üstünden birinin ya-da bir zadyň ygtyýaryny ritual yglan etmek, mysal üçin, "sen – meniň hudaýym". Bu amallaryň hemmesi, şol belli bir kultda ulanylmasa-da ýa-da sejde edilmese-de gadagandyr we jezalandyrylýandyr.
8. Mundan başga-da, bu kultda gulluk hasaplanýan doga we islendik amallar hem gadagandyr. Şeýlelikde, mysal üçin, käbir kultlarda tans etmek ýa-da belli bir eşik geýmek we şuňa meňzeş zatlar gulluk dessuryna girizilen bolsa, beýle hereketler hem gadagan edilýär we olara jeza berilýär.
9. Butlara çokunmagyň başga görnüşleriniň hem gadagan

edilendigine garamazdan (ýagny, belli bir dinde kabul edilmeýän gulluk görnüşleri, şeýle hem 7-nji punktda görkezilmedik hyzmat görnüşleri), eger bu aýratyn kultda amal edilmese we ybadat hasap edilmese jeza berilýän däldir. Şeýle-de bolsa, gurbanlyklar, ýakymly ysly tütetgi, ybadat we guýmaklyk hemişe jezalandyrylýar. (Şeýlelikde, mysal üçin, tans görnüşindäki hyzmat belli bir kultda kabul edilmese, butyň hormatyna tans etmek gadagan, ýöne jezalandyrylmaýar).

10. Ýewreý kazyýetiniň jezalandyrýan islendik ybadaty Bneý Noah kazyýeti tarapyndan-da jezalandyrylýar.

11. Butparazlygyň gadaganlygyna islendik güýje - ruhy ýa-da maddy, hakyky ýa-da göz öňüne getirilen güýje gulluk etmek hem degişlidir.

12. Şonuň ýaly-da gadaganlyk ýokardaky sanalan islendik türde adama sejde etmegi öz içine alýar, hatda sejde edýän, ol adamyň ya-da ol güýjiň ýaradylman, ýöne ol ýaradyjy diýip pikir etse-de.

13. Adamyň ýa-da halkyň Ýaradandan başga has pes derejeli ruhy ýa-da maddy güýç tarapyndan dolandyrylýandygyna ynanmak, bu güýje sejde edilmese gadagan edilmeýär.

14. Dünýäde Ýaradandan başga-da bir hudaýyň bardygyny hasap edýänlere “esasy zady bozýan” (ynamdan dänen) diýilýär.

15. Dini dabaralara gatnaşmak ýa-da olara passiw gatnaşmak Bneý Noah üçin gadagan däl.

16. Butparazlyga gatnaşmaga mejbur edilende, ondan ýüz öwürmegi sebäpli howp astynda galjak ýagdaýynda şonuň ýaly hyzmata gatnaşmaga Ben Noahyň hukugy bar we ol butparazlygyň gadaganlygy sebäpli janyny pida etmäge borçly däl.
17. Başgalary butparazlyga öjükdirmek gadagandyr.
18. Butyň adyndan pygamberlik eden we adamlara görkezme beren butparazlygyň gadaganlygyny bozýar.
19. Kult sütünini dikmek ýa-da kult agajy oturtmak ýa-da butparazlyk üçin bina gurmak, hatda gurýan ya-da oturtýan şol kultyň tarapdary bolmasa-da – gadagandyr.
**Özüňi gelşikly alyp baryş.**
Mümkin boldugyça ýewreýleri şondan uzaklaşdyrmak üçin butparazlyk bilen baglanyşykly köp zatlar Ysraýyl halkyna gadagandyr, ýöne Bneý Noah üçin formal ýagdaýda gadagan edilmeýär. Şeýle-de bolsa, mümkin boldugyça şeýle gadaganlyklary ýerine ýetirmek ýaraşykly hereketlerdir. Bular:
20. Butparazlyk bilen baglanyşykly kitaplary okamakdan gaça durmaly; muňa garamazdan, bu zat kararlar çykarýan we bu meseleler bilen baglanyşykly kanunlary öwredýän Bneý Noah akyldarlaryna laýyk gelýär.
21. Butparazlygy taryplamak, ony bezemek ýa-da hormatyna şem ýakmak we şuňa meňzeş zatlar gereksiz. Bularyň hemmesi butparazlyk bilen baglanyşykly, ýokarda kabul edilen hyzmat usuly däl. Emma şeýle hyzmat belli bir kultda kabul edilse, bu hereketler aç-açan gadagan

edilýär.
22. Butparazlaryň arasynda kabul edilen adatlary boýunça saçyňyzy we sakgalyňyzy gyrkmak, bedeniňize tatuirowka we beýleki şikesleri almak gereksiz. Şeýle hem ölen adama gynanmagyň alamaty hökmünde kelläňizde saç syrmak ýa-da özüňizi dyrmamak islenmeýär. Bir adam butyň heýkeliniň ýanynda pul gaçyran bolsa, ony almak üçin egilmeli däl, ony oturyp almaly.
23. Butparazlyk üçin ulanylýan zatlary, butparazlaryň ybadat etmek üçin ekilen agajynyň miwelerini iýmekden we içmekden saklanmak islenilýär. Butlar üçin bezeg bolup hyzmat eden kümüşden we altyndan, hatda ýakylýan butyň külünden-de haýsydyr bir peýdany almak gereksiz.
24. Sejde etmek üçin özüňe ýa-da başgalar üçin heýkel ýasamak gerek däl. Butparazlykda ulanylýan zatlara eýe bolmaly däl.
25. Adam bedeniniň görnüşini doly gaýtalaýan heýkelleri ýasamak ýewreýlere hatda bezeg üçinem gadagan. Şeýle-de bolsa, Bneý Noah but üçin heýkeliň gözellik üçin oturdylan ýerlerine baryp görmegi gadagan edilmeýär, hatda sungat üçin döredilen heýkeltaraşlykdan hem peýdalanyp biler.
26. Jadyly ýollar bilen geljegi öňünden aýtmak, jady doga bilen tebigatda üýtgeşikler döretmek üçin täsir etmek, ölüleriň janlaryny çagyryp we özara olar bilen baglanyşyk saklamak (spiritizm), şonuň ýaly-da her dürli görnüşdäki

jadygöýlik Ysraýyl halkyna gadagan edilen. Töwrat bu we beýleki şuňa meňzeş hereketlere “Rebbiň öňünde nejislikdir” diýip aýdýar. Şonuň ýaly hem “Hudaýyňyz Rebbiň öňünde aýypsyz boluň” diýilendir. Bneý Noah olara kanun tarapyndan gadagan edilmese-de, beýle zatlary etmeli däl.

27. Ysraýyla but tarapa öwrülmeklik, içiňden onda hakyky bir zat bardyr diýip pikir etmeklik, hatda oňa seretmeklik hem gadagan edilen. Şolar ýaly Bneý Noah hem beýle zatlary etmeseler gowy.

28. Butyň ady bilen ant içmeli däl, but ady bilen ant içýän başga biriniň kasamyny kabul etmeli däl. Kazyýetde ant içmek zerurlygy bar bolsa, Rebbiň adyndan ant içmek ýa-da kasam üçin umumy formulany, adamyň kimiň adyndan ant içýänligi agzalmazdan ulanmak islenilýär.

**4-nji bap. Hudaýa dil ýetirmegiň gadaganlygy.**

“Rebbi şöhratlandyryň, ähli halklar! Ony beýgeldiň siz, eý, ähli taýpalar! " (*Teģilim, 117:1*).

"We Ysraýyl ogullaryna şeýle diý: Hudaýyna dil ýetiren her kim öz günäsini çeker" (*Waikra, 24:15*).

1. Bneý Noah, şeýle hem Ysraýyl ogullaryna dünýäni Ýaradana sögüp masgara etmek we näletlemek gadagandyr.

2. Dünýä pessimistik garaýşy inkär etmek bu buýrugyň esasy hasaplanýar. Beýik Biribaryň dünýäsinde diňe ýamanlygy gören her bir adam, bu dünýäni Ýaradany günäkärlemäge meýilli. Talmuda laýyklykda, bu buýruk

ilkinji adama aýdylýar we bütin adamzadyň esasy gymmatlylygydyr.

3. Hudaýa dil ýetirmek gadaganlygy Ýaradanyň ähli Atlaryna, şol sanda Onuň dürli atlandyrylyşynda - "Rehimli" ýa-da "Ýüregi awaýan" we başgadyr bir hemmelere mälim bolan Ýaradan bilen baglanyşykly Ada degişlidir. Bu gadaganlyk dürli dillerde aýdylanda hem gadagan.

4. Gudratygüýçlini ýazgarmak, ýagny Ýaradana gödeklik bilen ýüzlenmek gadagandyr.

5. Käbirleri Hudaýa dil ýetirmek gadaganlygyna ateistik dünýägaraýyşy hem goşýarlar. Şeýle-de bolsa, beýle garaýyşlara eýerýän adamyň hakykatdanam nämäni göz öňünde tutýandygyny üns bilen gözden geçirmeli, sebäbi käwagt ateizmde hem butparazlyk inkär edilýär. Talmudda aýdylýar: "Butparazlygy inkär edýän adama ýewreý diýilýär."

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

6. Haçanda bir adam Gudratygüýçlä gargyş eşitse, şunuň ýaly agyr jenaýat üçin gynanmagyň alamaty hökmünde eşiklerini ýyrtmagy dogry bolar.

7. Munuň üçin jeza bolmasa-da, hereketleriň bilen hem Ýaradana hormatsyzlyk görkezmeli däldir. Mysal üçin, mukaddes kitaplara, mukaddes Atlara we sinagogalara zyýan ýetirmek bolmaýar.

8. Ýaradanyň Adyny hapa ýerlerde ýa-da adamyň özi hapa ýa-da geýimsiz wagtynda aýtmaly däldir. Mundan başga-

da, beýle zerurlyk ýok wagty (meselem, kazyýetde däl) Onuň adyndan ant içmeli däl, has-da ýalandan ant içmeklik ýol berilmesizdir.
9. Akyldarlaryň aýdyşlaryna görä: adamyň ýaradylyşynda üç hyzmatdaş: kakasy, ejesi we Gudratygüýçli gatnaşýar. Mukaddes ýazgy ata-enelere bolan hormaty Beýik Biribara hormat goýmak bilen deňleşdirýär. Mundan başga-da, ata we ene hormat bütin dünýäde kabul edilen ähli umumy adam ahlagynyň bir bölegidir. Atanyň we enäniň öňünde gorkmaklyk hakda-da şeýledir. Elbetde, Hudaý saklasyn, olary urup ýa-da näletläp bolmaýar.
10. Bu hormat nämede görünýär? Olara iýmit we içgi berýärler, gelenlerinde öňünden çykýarlar we gidenlerinde uzadýarlar we şuňa meňzeşler. Gorkmaklyk nämede görünýär? Ata-enäniň ýerinde oturmaýarlar, sözlerini äsgermezlik bilen ret etmeýärler, adyny tutmaýarlar we şuňa meňzeşler.
11. Töwrat garrylara hormat goýmagy, şeýle hem Ysraýyl akyldarlaryny we Bneý Noah akyldarlaryny hormatlamagy buýurdy. Ähli adamlara hormat goýmak islenýär, hatda ondanam beter hiç kimi näletlemeli däl.
12. Hökümdarlary ýa-da möhüm adamlary näletlemekden, Ysraýyl halkyny näletlemekden has-da ägä bolmaly.
13. Ysraýyl akyldarlary halklary Töwrata hormat goýýandyklary üçin tarypladylar.
14. Ýaradanyň adama berýän ähli eşretleri üçin minnetdarlyk bildirmegiň ahlak borçlary bar. Mundan

ugur alyp, Ysraýyl akyldarlary islendik rugsat berlen lezzet ýa-da şatlykly pursat üçin aýdylýan öwgi we minnetdarlyk dogalary düzdiler. Bu pata bermeler doga kitabynda berlendir.

15. Hatda kyn pursatlar üçin-de minnetdarlyk bildirmeli, sebäbi ahyrynda olar ýagşylyga gönükdirlendir.

16. Başga bir adam bereket aýdanda aýdýanlary bilen ylalaşygyňyzy bildirmek üçin "amen" diýip jogap bermeli. Bu diňe dünýäniň Ýaradyjysyny aňladýandygyny we Oňa başga güýç goşmaýandygy aýdyň bolsa, Ben Noahyň bereketini eşidýän bir ýewreý üçin hem degişlidir.

17. Gijeki ukudan soň oýananyňyzda barlygyňyz üçin Gudratygüýçlä minnetdarlyk bildirmek gowy adat. Bereketiň teksti: “Diri we bar bolan Patyşa, rehimiňde janymy maňa gaýtaryp berenligiň üçin saňa minnetdar. Seniň wepalylygyň beýikdir ".

18. Iň möhüm bereket nahar gutarandan soň aýdylýar. Oňa "iýmitiň bereketi" diýilýär.

19. Beýik Biribaryň dünýäsiniň kämilligini saklamak üçin adama aýratyn jogapkärçilik ýüklenýär, midraşda aýdylyşy ýaly: “Ähli ýaradan zatlarymy, seniň üçin ýaratdym. Meniň dünýämi zaýalamazlyga ýa-da ýumurmazlyga çalyş”. Şonuň üçin ýewreýlere ösümliklere we haýwanlara ýa-da adam bedenine gereksiz zyýan bermek gadagandyr. Bu gadaganlyga “zaýalama” (*bal taşhit*) diýilýär we her bir adamyň oňa eýermegi gerekli.

**5-nji bap. Adam ömrüni goramak (adam öldürmegiň gadaganlygy)**

“Kimde-kim adam ganyny dökse, şol adamyň gany döküler. Çünki Hudaý adamy Öz keşbinde ýaratdy ” (*Bereşit, 9:6*).

“Öldürme” (*Şmot,20:13*).

1. Rabi Akiwa: "Adam söýülendir çünki Onuň keşbinde ýaradyldy” -diýdi.
2. Rabi Akiwa: "Ýakynyňy özüň ýaly söýmek Töwratyň iň uly düzgüni" diýdi.
3. Ýaşaýyş adama Hudaýdan berlendir we adamyň biriniň janyny almaga hukugy ýok. Şonuň üçin başga biriniň, hatda özüniň janyny-da alýan Ýaradanyň buýrugyny bozýar. Adamy öldüren üçin Bneý Noah kazyýeti ölüm jezasyna höküm etmäge haklydyr.
4. Adam öldürmek gadaganlygy - gönüden-göni jan alan adama, şeýle hem gytaklaýyn – kimdir birine öldürmegi tabşyran adama degişli. Kazyýet diňe ganhoryň gönüden-göni eden ganhorlygy üçin ölüm jezasyna höküm çykaran bolsa, ýöne gytaklaýyn eden adamyň etmişi äşger bolmanda hem ol ganhor bolup, oňa Asman kazyýeti tarapyndan höküm çykarylýar.
5. Töwratyň kanunlaryna laýyklykda jeza berilmeýän bolsa-da, döwlet adam öldürene jeza bermäge haklydyr.
6. Öldürmegiň gadaganlygy abort we ewtanaziýa gadaganlygyny öz içine alýar.
7. Abort etdirmäge rugsat berlen ýagdaýlar bar, ýagny

göwreliligiň ilkinji kyrk gününde, şeýle hem enäniň jany howp astynda galanda. Her ýagdaýda bu meseleleri bilýän bir rawwine ýüz tutmaly.

8. Keselden ejir çekýän adamyň ömrüni kesmek üçin aktiw ädimler edip bolmaýar, ýöne ömrüni uzaltmak üçin göreşmegiň zerurlygy peýdasyz bolsa, ejir çekeniň azaplaryny ýeňilleştirmek üçin, olar ulanylanda ölüme getirmeýän dermanlary ulanyp bolar. Adamyň ölenligi belli bolanda, onuň durmuşyny goldaýan enjamlar öçürilip bilner.

9. Kanun ölýän adamyň bejergisini dowam etdirmezlige rugsat berýän ýagdaýlarda-da, reanimasiýa we dem alyş goldaw enjamlary, şeýle hem iýmit we suwuklyk bilen üpjün edýän enjamlar ölýänçä öçürilmeli däldir. Her bir şübheli ýagdaýda üç komponenti: hassanyň pikiri (eger aýdyp bilýän bolsa), lukmanyň pikiri we rawwiniň pikiri göz öňünde tutmalydyr.

10. Ýürek işjeňliginiň bes edilmeginden ýa-da beýniniň ölüminden soň ölen adamdan transplantasiýa üçin organlaryň aýrylmagy rugsat edilýär we hatda islenýär. Sagdyn adamdan böwrek göçürmesi ýaly donora howp salmaýan organ donorlygy kabul ederlikli we hatda islenýär.

11. Lukmana adamyň janyny halas etmek üçin, bu operasiýa töwekgelçilikli bolsa-da, adamy operasiýa etmäge rugsat berilýär.

12. Bilmezlikden adam öldürilme,ýagny seresapsyzlykdan

öldürilme ölüm jezasy höküm edilmeýär. Emma adam öldürmek mümkinligi bar diýip hasap eden bolsa, oňa jeza berilýär.

13. Döwletiniň esgeri hökmünde söweşe gatnaşmaga rugsat berilýär.

14. Eger esgere ýesirlik howpy abansa we ýesirlikde ezýet çekjegini bilse, oňa öz janyna kast etmäge rugsat berilýär.

15. Eger adama başga adamy öldürmese, özi öldüriljekdigi barada gorky salynsa, ölüm howpynda-da öldürmäge rugsat berilmeýär.

16. Ölüm howpynda zyna ýa-da butparazlyk etmäge mejbur edilýän Ben Noah muny edip biler we buýrugy ýerine ýetirmek üçin janyny pida etmäge borçly däldir.

17. Öldürmek maksady bilen yzarlaýan adamy, eger ondan gaçmagyň başga ýoly bolmasa öldürmäge rugsat berilýär, ýöne yzarlaýjyny ýaralap (we şoňa meňzeş) gaçyp bilýän bolsa, öldürmek gadagandyr, ony ýöne ýaralamaly.

18. Kimdir biri adam öldürmek maksady bilen başga birini yzarlaýandygyny görse we yzarlaýany ýaralamak bilen yzarlanýany halas edip bilmese, ony öldürip biler.

19. Iki adam çölde gezip ýören bolsa we olaryň birinde diňe özüni halas etmek üçin ýeterlik  suwy bar bolsa, beýlekä suw bermäge borçly däl we öz janyny halas etmek beýlekiniň janyny halas etmekden has möhümdir.

20. Maýmonid ýazdy: “Adam öldürmekden has agyr günäler bar bolsa-da, gan dökmek ýaly hiç bir zat dünýämizde ýaşaýyşy ýumurmaýar.” Hatda butparazlyk,

ondan has beter-de zyna, gan dökmek bilen deňeşdirer ýaly däl. Bu adam bilen Hudaýyň arasyndaky jenaýat, gan dökmek bolsa - adam bilen adamyň arasyndaky jenaýat. Şeýle günä eden adam bütinleý betpäl adamdyr we ömrüniň ahyryna çenli saklan buýruklarynyň hemmesi bu günä bilen deňeşdirilende ähmiýetsizdir we ony hökümden halas etmez.
21. Başga bir adama: erkekdir aýala, ulydyr kiçä şikes, ýara, urgy ýa-da azdyrmak ýa-da zorlamak bolsun - zyýan ýetirmek bolmaýar.
22. Ýakynyny uran adama betpäl diýilýär, bir ýewreýi urmak aýratyn agyr jenaýatdyr.
23. Zyýan ýetirýän haýwanlary öldürmäge rugsat berilýär.
24. Hiç hili peýda getirmese haýwanlary gynamaga rugsat berilmeýär.
25. Adamyň peýdasyna haýwany öldürip bolar, mysal üçin iýmit, egin-eşik, gözleg we peýdaly zatlar üçin, ýöne öz islegiň üçin zalymlyk etmek gadagandyr.
**Özüňi gelşikli alyp baryş.**
26. Käbir tanymal adamlar Bneý Noah erkekleriň ya-da erkek haýwanlaryň biçilmegini (agta edilmegini) gadagan edýärler, bu pikir hemmeler tarapyndan kabul edilmese-de, muny hasaba almak islenýär.
27. Adamyň tebigy ahlagy howpda galan ýakynyny halas etmäge borçly edýär.
28. Ben Noah bilgeşleýin däl adam öldüren bolsa, kanun tarapyndan jezalandyrylmasa-da, ýaşaýan ýerini terk edip,

başga bir şähere ýa-da başga bir ýurda göçüp gitmegi islenýär. Ysraýylda gaçybatalga şäheri kanunlarynyň işleýän döwründe tötänden adam öldüren gelmişek gaçybatalga şäherine göçmelidi.
29. Eger munda hiç hili peýda ýa-da ýörite mätäçlik bolmasa, özüňi we başgalary ýaralap ýa-da howp astynda goýup bolmaýar. Meselem, ulagy gaty ýokary tizlikde sürmek.
30. Tamyň üstündäki adamlaryň howpsuzlygy üçin germew edilmeli. Şeyle hem zerur enjamlary we ýaşaýyş üçin, howpyň öňüni almak üçin peýdaly bolup biljek zatlary gurmak islenýär.
31. Ýolda adamlara şikes ýetirýän päsgelçilikleri galdyrmazlyga we ýoldaky zeper ýetirip biljek päsgelçilikleri dogry aýyrmaklyga esewan bolmaly.
32. Ahlak kadalaryna laýyklykda, adam öldürmegiň gadaganlygy köpçüligiň içinde kemsidilmegi, göwnüne degilmegi we ýaramaz söwda bäsleşigi ýaly başga biriniň ömrüni gysgaldýan islendik hereketiň gadagan edilmegini öz içine alýar.
33. Adam hakda, hatda hakykat bolsa-da, ondan beter ýalan bolsa - erbet zat aýtmaly däl.
34. Betpäliň erbet işlerini, beýleki adamlara zyýan ýetirip bilmezligi we bu adamyň düzelmegine kömek etmek üçin, hemmeleriň öňünde aýan etmäge rugsat berilýär. Şeýle hem, adamyň belli bir wezipä laýykdygyny barlamak we şuňa meňzeşler zerurlygy ýüze çykanda, ol hakda sorag-

-ideg etmäge rugsat berilýär.
35. Adam ýakynyny ýüreginde nämäniň bardygyny aýan etmezden  gizlinlikde ýigrenmesin. Iň gowusy, ony asla ýigrenmesin.
36. Özüňe ýigrenji zady ýakynyňa etme.
37. Bneý Noah üçin tohumyny boş ýere çykarmagy aç-açan gadagan edilmese-de, bu hereket gelşikli hasaplanmaýar. Şeýle-de bolsa, medisina we köpeliş maksatlary üçin muňa rugsat berilýär.

**6-njy bap. Maşgala**

“Hudaý Öz keşbinde ynsany ýaratdy. Hawa Hudaý olary Öz keşbinde ýaratdy. Olary erkek we aýal edip ýaratdy. Hudaý erkege we aýala: "Örňäp, köpelip, ýer ýüzüni dolduryň we oňa eýeçilik ediň" diýip pata berdi.” (*Bereşit, 1:27-28*). “Adam ony görüp: “Ine, süýegi öz süýegimden, teni öz tenimdendir; ol *işa* (aýal) bolar, çünki ol *iş*den (erkekden) alnandyr.” diýdi. Şol sebäpden erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar.” (*Bereşit, 2:23-24*).
"Adam aýalyna Hawa diýip at dakdy. Çünki Hawa ähli ýaşaýanlaryň enesi boldy." (*Bereşit,3:20*).

**Örňemek we köpelmek**

Haçan Hudaý erkegi we aýaly ýaradanda olara: "Örňäp, köpelip, ýer ýüzüni dolduryň we oňa eýeçilik ediň" diýip pata berdi. We suw joşmasyndan soň Noaha we onuň ogullaryna ak pata berdi, ýazylyşy ýaly: "Hudaý Noaha we onuň ogullaryna: ”Örňäň, köpeliň, ýeri dolduryň” diýdi"

(*Bereşit,9:1*). Sebäbi, pygamberiň aýdyşy ýaly: "Gökleri ýaradan, Ol Hudaý, dünýäni ýaradan, oňa şekil beren, ony berkiden boş bolmasyn adamly bolsun diyen " (*Ýeşaýagu, 45:18*), Biribar adamzadyň köpelmegini isledi. Akyldarlarymyz: "Örňemek we köpelmek buýrugyny ýerine ýetirmedikleriň her biri gan döküän ýaly we Hudaýyň meňzeşligini peseldýän ýalydyr. We aýaly ýok adamda – şatlyk ýok, bereket ýok, ýagşylyk ýok, rahatlyk ýok, Töwrat ýok we gorag diwary ýok. We aýdylyşy ýaly:"Olary erkek we aýal edip ýaratdy…, we olary adam diýip atlandyrdy", umuman oňa adam diýilmeýär - diýýipdirler.

**Söýgi**

1. Är bilen aýal arasyndaky söýgi – bu hem ynsan, hem ylahy ahlagyň iň ýokary görkezmesiniň biridir.
2. "Ýakynyňy özüň ýaly söý" diýen buýruk, ilkinji nobatda är-aýal arasynda ýerine ýetirilýär.
3. Erkek bilen aýalyň nikalaşmagy adaglanmak, toý we nika däbi ýaly jemagat öňünde edilen dabara arkaly baglaşylmagy islenýär. Nika är-aýalyň arasyndaky içgin ýakynlyk amala aşyrylandan soň bellenen we borçly edilen hasaplanýar.
4. Arasynda iki taraplaýyn söýgi, ynam we hormat bar bolan erkek we aýal Ýaradyjy tarapyndan söýülen we gadyrly.
5. Nikanyň ilkinji ýylynda är-aýal arasynda söýgüden doly gatnaşyklary ösdürmek üçin tagalla edilmeli.

**Aýrylyşma**

Hudaý saklasyn, är-aýalyň arasyndaky gatnaşyklar netije bermedik bolsa, olaryň biriniň karary bilen ýatyrylyp bilner. Är-aýalyň aýrylyşmagyny resmi taýdan jemgyýetiň wekilleriniň biriniň öňünde resmileşdirmek maslahat berilýär. Aýrylyşmak karary bilelikdäki resminamada ýazylmalydyr we adamsy şaýatlaryň gatnaşmagynda: "Indi menden aýryldyň we islendik adama barmaga rugsatlysyň" ýa-da aýaly: "Indi men siziň bilen bagly däl we islendik adama barmaga rugsatly." diýmeli.

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

1. Eger şol wagt hiç kim ol ýere girip bilmeýän bolsa, erkek başga biriniň aýaly bilen ýapyk otagda bolmak ýagdaýdan gaça durmaly.
2. Sypaýy egin-eşikler, esasanam aýallar üçin, has beter-de durmuşa çykan aýallar üçin adam mertebesini goraýar. Geýimde sypaýylygy saklamak – bu göwnüň belent häsiýeti. Şonuň üçin garşy jyns tarapynda kabul edilen eşikleri geýmekden saklanmalydyr.
3. Nika şertnamasyna äriň aýalynyň doly üpjünçiligi barada alada etmek borjuny goşmak islenilýär
4. Edepsiz tomaşalardan saklanmak islenilýär.
5. Erkek ýakynynyň aýalyna göz dikmesin.
6. Bneý Noah, ýewreýleriň edişi ýaly, maşgala durmuşynyň arassalygy baradaky kanunlary (*nida* kanunlary) berjaý etmek islese, olara rugsat berilýär.

**Durmuşyň içgin gatnaşyk arassalygy**

Bneý Noah üçin aşakda görkezilen içgin gatnaşyklary (intim) gadagan we olar üçin jezalandyrylýar:

1. Ejesi bilen.
2. Kakasynyň aýaly bilen, ol ejesi bolmasa-da, kakasy ölenden soňam kakasynyň aýaly bilen.
3. Äri bar bolan aýal bilen.
4. Ejesiniň aýal dogany bilen.
5. Erkek bilen
6. Haýwanlar bilen

Bu gadaganlyklaryň hemmesi iki jynsdaky adamlara deň derejede degişlidir.

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

1. Bu gadaganlyklardan başga-da,”kenganly nejislik” diýlip atlandyrylýan Töwratda, *Waikra* kitabynda sanalan ähli gadagan gatnaşyklardan, şeýle hem aýalyň aýal bilen gatnaşygyndan saklanmak gereklidir.
2. Akyldarlar halklary arasynda beçebazlygyň bardygyna garamazdan, ony resmi taýdan kanunlaşdyrmadyklary üçin tarypladylar.
3. Noah ogly Şemiň kazyýeti jelepçiligiň gadaganlygy barada karar çykardy.
4. Ýewrey erkek Bat Noah bilen, ýewreý aýaly Ben Noah bilen gatnaşyk etmekleri gadagan.
5. Içgin gatnaşyklar bilen baglanyşykly meselelerde gödek sözleri ulanmaly däl.

**7-nji bap. Emlägiň el degrilmezligi (ogurlygyň gadaganlygy)**

“Ýoldaşyň  hakyny iýme, ony talama”.(*Waikra,19:13*).

1. Ýakynyň emlägini özüňki ýaly gymmatly gör.
2. Ýakynyndan ogurlan her bir adam, hatda ownuk teňňede bolsun, ondan janyny alýan ýalydyr.
3. Adamzat jemgyýetiniň esaslaryndan biri ýakynyň emlägini goramakdyr. Şondan Töwratyň ýakynyňdan ogurlama gadaganlygy gelip çykýar.
4. Jemgyýetden ogurlamak, köp adama garşy günä bolany üçin, aýratyn agyr jenaýat hasaplanýar.
5. Ogurlygyň gadaganlygyna ýakynyň emlägini, tenini ýa-da ýer bölegini onuň islegine garşy eýelemek hem degişlidir.
6. Talaňçylyk (*hamas*): bu başga biriniň emlägini gündizine zorluk bilen eýelemek. Mysal üçin, adamyň, elinden oňa degişli zadyny dartyp almak.
7. Haky iýmek (*oşek*): bu, mysal üçin, kimdir biriniň adama pul ýa-da emläk bergisi bolup ýa-da belli bir işi etmäge borçly bolup, karzy üzmekden ýa-da bu işi etmekden ýüz öwürmegi.
8. Ogurlyk (*gnewa*): bu ýakynyň emlägini gizlinlikde eýelemek.
9. Alyjy kemçiligini bilmese, kemçilikli önüm satmak gadagandyr. Şeýle hem terezi asanda  ýa-da çekilende aldamak gadagandyr.
10. Satyja we alyja  ýalňyşdyrmak we aldamak gadagan.

Söwda aldawy gadagan. (Umuman aýdanyňda, islendik aldaw gadagan).

11. Bir adama haýsydyr bir zat satmaga ýa-da ozal hödürlän bahasyny arzanlatmaga synanyşyp haýbat atmak bolmaýar.

12. Ogurlyk, şeýle hem karzy tölemegiň islendik gijikdirilmegini, mysal üçin zähmet hakynyň gijikdirilmegini öz içine alýar. Şeýle hem, satyn almak ýa-da kärende tölegini tölemekde gijä galmak we ş.m.

13. Ogurlanan zady yzyna gaýtarmak niýeti bar bolsa-da, ogurlamak gadagandyr.

14. Adamyň janyna howp abanýan bolsa, başga biriniň emlägini ulanyp halas bolup biler, ýöne soň alan zadyny yzyna gaýtarmaga borçly.

15. Ekin meýdanynda ýa-da bagda işleýänlere hasyl wagtynda miwe ýa-da eline sygan başlary iýmek üçin ýygnamaga rugsat berilýär, ýöne gaplarynda ýygnamak ýa-da işden daşary wagtynda muny etmek gadagandyr.

16. Eger  hakyna tutulan işgär işini erbet niýet bilen ýerine ýetirse ýa-da iş berijiniň habary bolmazdan wagtyny ýitirse, bu hem ogurlyk hasaplanýar. Şeýle-de bolsa, işleýän ýerinde bu  kabul edilen zat bolsa, bu rugsat berilýär, sebäbi iş beriji öz hukuklaryny öňünden ret edýär.

17. Islendik mukdarda, hatda kiçijik teňňedenem az mukdarda bolsa-da, ogurlyk gadagan.

18. Bir adam ýakynyny pul zyýany ýa-da emlägini

ulanandygy üçin bagyşlan bolsa, bu gadaganlyklaryň hemmesi güýçsizdir.
19. Talaňçylygyň gadaganlygy ösen ýurdyň emläk eýeçiligi bilen baglanyşykly kanunlarynyň bozulmagyny öz içine alýar.
20. Döwletiň kanunlaryna we adatlaryna laýyklykda, emläk kanunlary babatynda ştraflar we beýleki jerimeler kesgitlenen, hatda ol real ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda-da has agyr jezadan boşadylýan jemgyýetçilik kanuny hasaplanýar.

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

21. Ogry ogurlan zadyny yzyna gaýtarmaly. Ogurlanan zat henizem onuň emleginde bolsa, ol zady yzyna gaýtarmaly. Eger ogurlanan zat ýitirilen ýa-da düýbünden ýok edilen bolsa, ogurlanan zadyň bahasyny yzyna gaýtarmaly. Boluşyny doly düzetmek isleýän her bir adam talanan adamy rahatlandyrmaly. Talanan adam talaňçyny bagyşlap bilýän bolsa, bu öwgä mynasyp.
22. Ogurlanan harytlary satyn almak, şeýle hem ogrylara ýa-da talaňçylara haýsydyr bir görnüşde kömek etmek gadagandyr.
23. Köplerini talan adam düzelmek islese we ogurlan zatlarynyň hemmesini yzyna gaýtaryp bilse, gaýtaryp bermeli. Eger muny edip bilmeýän bolsa, köp adam ulanyp biler ýaly, ogurlanan pullary jemgyýete bagyşlasyn.
24. Ýakynyň mal-mülküni göz dikme.

25. Gulçylyk ýigrenji we ahyrsoňy köki-damary bilen ýok edilmeli.
26. Başga biriniň ýitiren zadyny tapan adam, eýesini tapmak we oňa gaýtaryp bermek üçin tagalla etmeli.
27. Ýewreý kada-kanunlarynda, bir ýewreýe puly göterimine bermegiň gadaganlygy barada köp kanunlar bar we takwa adam üçin, esasanam garyplar bilen baglanyşykda, şolara laýyklykda hereket etmek dogrydyr. Emma bu ykdysadyýetiň işlemegi üçin zerur bolan döwlet we banklaryň tejribesine däl-de, diňe şahsy adama degişlidir.
28. Eýeçiligiňizde, hatda ulanylmasa-da, nädogry tereziler we nädogry ölçegler bolmaly däl.

**8-nji bap. Haýwanlar (diri haýwanyň bir bölegini iýmegiň gadaganlygy).**

“Ine, Men siz we sizden soňky geljek nesliňiz bilen, şeýle hem siziň bilen gämiden çykan ähli jandarlar: guşlar, mallar we ýer ýüzündäki haýwanlar bilen äht baglaşýaryn”. (*Bereşit, 9:9-10*)
“Janly-jandarlaryň ählisi size iýmit bolar; edil gök ösümlikleri berşim ýaly, olaryň hemmesini Men size berýärin. Ýöne olaryň etini gany bilen iýmäň.”.
(*Bereşit, 9:9-10*)
“Şol gün olar üçin meýdandaky haýwanlar, asmandaky guşlar, toprakda ýaşaýan süýrenijiler bilen äht edişerin. Ýurtdan ýaýy, gylyjy, söweş goşunlaryny ýok ederin. Aman ýaşadaryn olary”. (*Hoşeýa, 2:18*)

1. Töwrat adama islendik ösümligi iýmäge rugsat berdi, aýdylyşy ýaly: “Ine, Men size ýer ýüzündäki ähli tohum berýän ösümlikleri we tohumy miwesiniň içinde bolan agaçlary berýärin, olar size iýmit bolar.” - diýdi. Şeýle hem aýdylyşy ýaly haýwanlary iýmäge rugsat berdi: “Ähli haýwanlar, gökdäki guşlar, süýrenijiler we balyklar sizden juda gorkuda ýaşarlar; olaryň hemmesi siziň ygtyýaryňyza berilýär. Janly-jandarlaryň ählisi size iýmit bolar; edil gök ösümlikleri berşim ýaly, olaryň hemmesini Men size berýärin.”

2. Töwratda diri haýwanyň bir bölegini, ýagny haýwan dirikä ondan kesilen bedeniň bir bölegini iýmegi gadagan edilipdir: “Ýöne olaryň etini gany bilen iýmäň". Bu gadaganlyk, haýwan dirikä bedeniniň bir bölegi keslen bolsa, eýýäm keslen bölek ölen bolsa-da güýçde galýar.

3. Janly haýwanyň bir bölegini iýmegi gadagan etmegiň maksatlaryndan biri adamy zalymlyk we hyjuwlaryna pähimsizlik bilen eýermek ýaly erbet häsiýetlerden daşlaşdyrmakdyr.

4. Janly haýwanyň bir bölegini iýmek gadagandyr, ýöne ony ulanmaga rugsat berilýär, mysal üçin, şeýle etler bilen itleri iýmitlendirmäge rugsat berilýär.

5. Janly haýwanyň böleklerini iýmek gadaganlygy guşlara-da degişlidir. Emma bu ýagdaýda gadaganlygy bozany üçin jeza ýok.

6. Mallar ýa-da guşlar, soýlandan soňam hereketini bes edýänçä diri hasaplanýar.

7. Haýwanyň kellesi kesilenden soň, bedeniniň terpenmegi dowam etdirse-de iýmäge rugsat berilýär.
8. Iýmitlenmek gadaganlygy islendik mukdardaky et üçin degişlidir.
9. Öý we ýabany haýwanlaryň gaty siňirlerini we derilerini, guşlaryň ýeleklerini, şahlary we toýnaklary diri haýwandan iýmek gadagan edilmeýär, sebäbi adamlar adatça olary iýmeýärler. Doňuzlaryň we haýwanlaryň beýleki ýumşak derileriniň haýwanyň dirikä kesilen halatynda iýmek gadagandyr, sebäbi şeýle derini iýmek adaty zat.
10. Janly haýwanyň bir bölegini iýmek gadaganlygy mör-möjeklere, balyklara ýa-da çekirtgelere, ýagny beýleki organlaryndan aýry gan aýlanyş ulgamy bolmadyk ("sowuk ganly") haýwanlara degişli däldir. Şeýle haýwanlary diri iýip bolýan hem bolsa, haýwanlara peýdasyz jebir çekdirmek baradaky gadaganlygy bozmazlyk üçin ilki bilen olary öldürmek has gowudyr.
11. Gan sorup, adam bedenindäki ýarany arassalamaga rugsat berilýär.
12. Öz içine, janly haýwanyň bir bölegini alýan dermanlar, rugsat berilýär.
13. Birmeňzeş garyndy we diri haýwanyň bir bölegini öz içine alýan iýmit, eger bu komponent garyndynyň az bölegi bolsa, rugsat edilýär.
14. Eger berlen iýmitiň diri haýwanyň bir bölegidigine ýa-da ýokdugyna şübhelenilende, etiň köp bölegi diri

haýwanyň bir bölegi däldigi üçin iýmek rugsat edilýär.
15. Adam gönüden-göni zerurlyk bolmasa, haýwanlara gereksiz ýere ejir çekdirmeli däl.
16. Adamyň etini iýmeli däl.
17. Jana howp abananda, Töwratda gadagan edilen iýmitleri iýmäge rugsat berilýär.
18. Haýwan ölenden soň onuň bedeniniň ähli böleklerini, hat-da içegesini hem iýmit üçin ulanmak bolýar.

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

19. Dirikä gandan, ýagny haýwandan diri wagty alnan gan hakda, akyldarlaryň arasynda düşünişmezlik bar. Kanunyň harpyna laýyklykda ulanmaga rugsat berilýär, ýöne agraslygy saýlan adam bereket alar. Mümkin boldugyça öldürilen haýwanyň ganyny ulanmakdan gaça durmaly.
20. Bneý Noah ýewreý kanunlaryna laýyklykda "*köşer*" soýmak buýruk berilmeýär, ýöne her bir ýagdaýda haýwanyň azabyny azaltmak islenilýär.
21. Ähli ýaradylyşa gatnaşykda zalymlyk döretmezlik we olara rehimli bolup, ejir çekdirmezlik gowy. Ol öz içine alýar:

- Haýwanyň we onuň çagasynyň damagyny bir günde çalmazlyk.
- Iki dürli haýwany bir tirkege goşmazlyk, mysal üçin,ýer sürýän wagtyňyz.
- Haýwanyň işleýän wagtynda, işleýän hasylynyň miwelerinden iýmäge päsgel bermezlik.
- Haýwanlara azap getirýän, öküz soweşi ýa-da göwün

açmak üçin aw awlamak ýaly tomaşalary akyldarlar makullamaýarlar.
22. Bir adam guş höwürtgesini tapyp, guş çagasyny ýa-da ýumurtga almak islese, guş çagasynyň enesi, çagalarynyň alnyp gidilmegini görmezlik üçin, ilki ony kowmaly, soň çagasyny almaly. Olary asla almazlyk has gowudyr.
23. Eti köp iýmeli däl we köp şerap içmeli däl.
24. Ýabany haýwan ýa-da guş öldürilende, soýlan haýwanyň ganyny toprak bilen örtmek maslahat berilýär.
25. Bir adam goşmaça buýruklary kabul etmek we ýewreý kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda diňe *koşer* iýmitlerini iýmek islese edip biler. Şeýle hem, *kaşrut* kanunlaryny bir bölegini kabul edip biler. Ine, kabul edip biljek käbir kanunlary:

- *trefa* iýmäň, ýagny durmuş bilen gabat gelmeýän şikesli haýwan.
- Özleri ölen we adamlar tarapyndan soýulmadyk ýabany we öý haýwanlaryny we guşlary iýmäň.
- *Waikra* kitabynda görkezilen ýewreýleriň iýmege gadagan edilen haýwanlary iýmäň.
- Süýtli we etli zady bir wagtda iýmäň.

**9-njy bap. Kazyýet düzgüni (hukuk kadalarynyň kanunlary)"**

"Olaryň dawasy bolsa, maňa gelýärler. Men hem iki dawagäriň arasyndaky dawany çözüp berýärin we Hudaýyň parzlaryny we taglymatlaryny olara aýan edýärin". (*Şmot, 18:16*)

“Ähli adamlaryň içinden başarjaňlaryny, ýagny Hudaýdan gorkýan, dogruçyl we parany ýigrenýän adamlary saýla. Olary müň adamyň, ýüz adamyň, elli adamyň we on adamyň üstünden baştutan goý, Goý, hemişe olar adamlara kazylyk etsinler”. (*Şmot, 18:21-22*)

“Adalatly çözüň garybyň, ýetimiň dawalaryny, goraň ejizleniň, mätejiň hak-hukugyny. Halas ediň ejiz bilen mäteji, erbetleriň golundan azat ediň “ (*Teģilim, 82:3-4*).

1. Jemgyýetiň başynda duran ýolbaşçylara adalatly sud etmekleri üçin kazyýet ulgamyny döretmek borjy ýüklendi.

2. Kazyýet ulgamynyň ähmiýeti Ysraýylyň taryhynyň başynda tassyklanýar. Awraģam hakda aýdylan: “Men ogullaryna we yzyndaky öýüne Rebbiň ýolunda ýöremegi, adalatlylyk we kazylyk etmek üçin ony saýladym”. Patyşa Şlomo kazyýetiň döwletiň düýp wezipelerinden biridigini kesgitledi: "Patyşa ýurdy adalat bilen berkitýär", patyşa Maşiah bütin dünýäde adalatyň gazanylmagyny üpjün etmeli: "Ol halklara kazylyk eder we köp halka akyl berer; olar gylyçlaryndan azal, naýzalaryndan orak ýasarlar. Halk halka garşy gylyç galdyrmaz we indi söweşmegi öwrenmezler "

3. Suw joşgunynyň nesli, adalaty äsgermezlik edendikleri üçin heläkçilige höküm edildi, aýdylyşy ýaly: “Men bütin janly-jandarlaryň soňuna çykjak, çünki olar zerarly ýer ýüzi erbetlikden doldy.”

4. Döwletiň kanunlary adalatly we dogruçyl bolmaly.

Sdom we Amora adalatsyz höküm alyp baryny üçin ýok edildi.
5. Bu buýruk adamlara Bneý Noah buýruklaryny öwretmek borjuny öz içine alýar.
6. Bneý Noah akyldarlaryna dünýä ýaramazlaşmazlygy we adamlaryň ýüregini düzetmek üçin düzgünleri girizmek we dogry kanunlar, çäklendirmeler kabul etmek tabşyryldy, olar kanunlaryň berjaý edilişine-de gözegçilik etmeli.
7. Her ugurda kazylary we ýerine ýetirijileri bellemek zerur.
8. Bu buýrugy ýerine ýetirmek, şahsyýetleriň däl-de, häkimiýet başyndaky döwlet baştutanlarynyň jogapkärçiligidir.
9. Kazylar ilkinji alty buýrugy bozandygy üçin höküm çykarmaga, şeýle hem olary bozanlary jezalandyrmaga borçly.
10. Kaza para almak we kazyýetde esassyzlyk görkezmek gadagan.
11. Suddan öň jeza bermek gadagandyr.
12. Kanunyň ýerine ýetirilmegini yza süýşürmek, ýagny esasanam: kazyýet işini, höküm çykarmagy ýa-da onuň ýerine ýetirilmegini esasy sebäpsiz yza süýşürmek gadagandyr.
13. Biziň döwrümizde döwletler Bneý Noah kanunlaryna laýyklykda höküm çykarmak üçin kazyýetleri gurmaýarlar. Şeýle-de bolsa, köp ýurtlardada kanunyň

çäginde işleýän garaşsyz arbitraj sudlaryny döretmek mümkin. Kazyýet talap arzasy ýüze çykan halatynda bu maksat bilen dörediljek we hemişelik ýa-da diňe zerur halatynda hereket edip biljek Bneý Noah kazyýetinde arbitraj garamaklygy teklip etmek maslahat berilýär.
14. Kazyýetiň kazynyň seretmegi boýunça Bneý Noah ýedi buýrugynyň birini bozandygy üçin jeza bermek we hatda ölüm jezasyny hem bermek ygtyýary bar.
15. Ölüm jezasy diňe jenaýatyň erbet niýet bilen edilendigi aýdyň bolan ýagdaýynda ulanylyp bilner.
16. Alaçsyz, mejbury jenaýat eden birini jezalandyrmaly däl.
17. Öldürmek ya-da ýakynynyň aýaly bilen ýakyn gatnaşykda bolup boljakdygyny hasap edýän her bir adam bu meselede ýalňyşýan däl-de, jenaýatçy hasaplanýar.
18. Bneý Noah jenaýaty barada bir şaýadyň görkezmesi esasynda, hatda günäkärlenýäniň garyndaşy bolsa-da, hatda bir kazy hem karar bermäge rugsat berilýär.
19. Aýal Bneý Noah kazyýetinde jenaýat işi barada höküm çykarmaly däldir ýa-da güwä geçmeli däldir. Taraplar arbitraj kazyýetinde jedeli çözmäge razy bolsalar, aýal höküm çykaryp ýa-da görkezme berip biler.

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

20. Kazy beýleki tarapyň ýok halatynda başga bir tarapyň delillerini diňlemeli däldir.
21. Kazy garyndaşlaryna ýa-da ýigrenýän adamlaryna kazylyk etmeli däldir.

22. Betpäl adamyň görkezmesini kabul etmeli däldir.
23. Kazyýetiň bir kazydan bolmagy islenmeýär.
24. Karary köplügiň pikirine görä çykarmaly.
25. Alkogolly içgiler içilenden soň kazylyk edilmeli däldir.
26. Taraplaryň birini artyk görmeli däldir.
27. Şaýatlyk görkezmesi kazyýetde berilmelidir.
28. Şaýatlaryň görkezmelerini mümkin boldugyça düýpli gözden geçirmek maslahat berilýär.
29. Bir şaýadyň görkezmesi esasynda karar çykarmak islenmeýär.
30. Üns bilen kazylyk etmeli we bolup geçen zatlaryň asyl manysyna düşünmeli.

**10-njy bap. Döwletiň kanunlary**

1. Döwlet parahatçylygy dikeltmäge gönükdirilen kanunlaryň we kadalaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge borçludyr. Adalatly kanunlary berjaý etmek - bu kazyýeti amala aşyrma buýrugynyň bir bölegidir.
2. Bneý Noah ýedi buýrugyna garşy gelmeýän döwletiň kanunlaryny ýerine ýetirmek borç hasaplanýar.
3. Döwlet kanuny bozýanlara jeza kesgitlemege haklydyr.
4. Döwletleriň raýatlarynyň arasynda tapawut goýýan, hukuklar kemsidilýän kanun (diskriminasion kanun) güýçsizdir we ony bozýany jezalandyrmak bolmaýar.
5. Walýuta we goşun meselesinde monopoliýa eýe bolan, halk tarapyndan kabul edilen islendik häkimiyet döwlet diýip hasaplanýar. Şeýle-de bolsa, hökümet hemmeler

tarapyndan ykrar edilmese we kanuny walýuta çykarmasa, onuň kanunlary berjaý edilmek borjy ýok we häkimiýeti zor bilen ele alan garakçylar toparyna meňzeýär, jemgyýet onuň kanunlaryna boýun bolmaga borçly däl .

6. Goranyş urşuna rugsat berilýär. Hüjüm edilende adamlary halas etmek üçin söweşmek rugsat berilýär. Harby hüjüm iň ýokary ahlakly adamyň tassyklanmasyny talap edýär.

7. Döwletler söweş usullaryny düzgünleşdirýän halkara şertnamalary ýerine ýetirmäge borçly.

8. Döwlet howpsuzlyk üçin operasiýasy wagtynda ýa-da uruş wagtynda raýatlarynyň janyny howp astyna salmaga haklydyr.

**Uruşdaky özüni gelşikli alyp baryş**

9. Uruşy diňe duşmany parahatçylykly çözmäge çagyrmak synanyşygy edilenden soň başlamaly.

10. Goşun düşelgesinde asylly gylyk-häsiýetleri we sözleýişiň päkligini saklamaly.

11. Duşman döwletiniň uruş etmek islemeýän raýatlaryna gaçyp halas bolmak mümkinçiligini bermeli.

12. Toýdan soňky birinji ýylda ýäş äri, harby gullukdan boşatmak islenýär.

## 11-nji bap. Beýik Biribara gulluk etmek

“Siz Öz Hudaýyňyz Rebbe gulluk ediň” (*Şmot, 23:25*). "Hudaýyňyz Rebbi söýüp, tutuş ýüregiňiz we janyňyz-teniňiz bilen Oňa gulluk etseniz…" (*Dwarim, 11:13*).

Bneý Noah ýedi buýrugy – bu Gudratygüýçlä gulluk etmegiň esasydyr. Dogry gulluk etmeklik dürli adamlar we dürli jemgyýetler üçin dürli bolup biler. Bu meselede, hemmeleriň isleglerine laýyklykda Gudratygüýçlä gulluk etmegiň dürli görnüşlerini ösdürmäge mümkinçilik berýän birmeňzeş kanunlar düzülmedi. Aşakda Bneý Noah mysal hökmünde ulanyp biljek Töwratdan alnan gulluklaryň esasy ýörelgelerini görkezýäris.
1. Beýik Biribara we Onuň Birligine imanyň yglan edilmegi her günde *Şma*ny, ýagny: "Diňle, ey Ysraýyl, Hudaýymyz Reb, ýeke täk Rebdir"  aýtmak bilen ýerine ýetirilýär. Bu "Gögüň Patyşalygynyň boýuntyrygyny kabul etmek". *Şma* islendik dilde aýdylyp bilner.
2. Her bir adamyň Gudratygüýçlä gulluk etmeginiň iň gowy usulynyň biri – bu öz mätäçliklerini kanagatlandyrmagy üçin Hudaýa ýüzlenýän towakga dogasydyr. Şeýle hem, doga, Hudaýa öwgi we şükür etmegi öz içine alýar.
3. Doga bu "ýürek gullugy". Akyldarlarymyz aýtdylar: “ "ýürek gullugy" näme? Munuň dogadygyny boýun almaly.”
4. Doganyň iki görnüşi bar: şahsy doga we köpçülikleýin doga.
5. Aýratynam betbagtlyk günlerde doga etmek islenýär.
6. Ybadathana weýran bolandan soň, doga gurbanlygyň ýerini tutýar.
7. Her gün doga etmek we Hudaýa haýyş bilen ýüzlenmek

gowy. Ony nähili dogry etmeli? Ilki bilen Gudratygüýçlä alkyş aýdýarlar, soňra dileg edip zerurlyklaryny soraýarlar, soň bolsa beren ýagşylygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýärler. Her bir adam öz pikirlerini we duýgularyny nädip beýan edip biljekdigine laýyklykda muny etmeli.

8. Geýinikli ýagdaýda, arassa ýerde doga etmäge çalyşmaly.

9. Bneý Noah bellenen tekste laýyklykda doga etmäge borçly däldirler. Ysraýyl akyldarlary ýewreýler üçin doga etmek üçin belli bir tekst we wagt bellediler.Bneý Noah bu teksti ulanyp we doga  zerurlyklaryna laýyklaşdyryp bilerler.

10. Häzirki wagtda Bneý Noah üçin birnäçe doga kitaplary bardyr.

11. Şu günler haýwanlar ýa-da ösümlikler gurbanlyga getirilmeýär. Şol bir wagtyň özünde, Bneý Noah tarapyndan guruljak gurbanlyk sypasynda Hudaýa bütinleý ýakylýan gurbanlyklaryny getirmäge rugsat berilýär, ýöne haýsydyr bir organy bolmadyk haýwany gurbanlyga getirmek gadagandyr. Gurbanlyk getirmek kanunlarynyň jikme-jiklikleri üçin Ysraýyl akyldarlary bilen maslahatlaşmaly.

12. Saýlanan iň gowy haýwany Gudratygüýçlä gurban getirilmek islenýär.

13. Bneý Noah Ybadathanada bütinleý ýakma gurbanlyklaryny getirip bilerler.

14. Bir adam: "Bu mal gurban bolar" diýse, bu maly Hudaýa bagyşlady we ony öz hajatlary üçin ulanmaga haky ýok.
15. Adamyň özüne belli bir lezzeti gadagan edýän kasamy, mysal üçin, nazir kasamy we şuňa meňzeşler halklarda ulanylmaýar. Şeýle-de bolsa, her kim wada berenini ýerine ýetirmäge çalyşmalydyr.
16. Iýerusalimdäki Ybadathana dagynyň, Ybadathananyň duran ýeriniň mukaddesligi gaty beýikdir, şonuň üçin ol ýere girmek üçin köp çäklendirmeler bar. Beýleki halklaryň wekillerine Ybadathana dagyna, Ybadathana bolan döwründe diňe Ybadathananyň howlusyna çenli girmäge rugsat berlendi. Rugsat berlen ýerlerde, Ýaradanyň Oňa gulluk etmek üçin bellän ýerine aýratyn hormat goýulmalydyr.

**Hudaýa wepalylyk**

17. Oňa gulluk etmek we Ony tanamak üçin, Hudaýyň goýan dogry ýolundan ýöremek üçin Gudratygüýçlä ýüzlenmegiň zerurdygyna düşünýän we özünden adamzadyň goýan köp sanly jeza sütemlerini terk eden, ruhy bilen ideklenýän dünýäde ýaşaýan her bir adam beýgeler we Reb hemişelik onuň paýy we mirasy bolar.
18. Töwraty yzygiderli we wepaly öwrenmek ýewreý halkynyň iň ýokary gymmatlyklaryndan biridir. Töwraty öz hatyrasyna amal eden her bir adam köp zada mynasyp bolar.
19. Ysraýyl akyldarlarynyň arasynda Bneý Noah

tarapyndan Töwratyň haýsy böleklerini öwrenmelidigi barada agzalalyk bar. Käbirleri Töwratyň diňe iman esaslary, ahlak kadalary we Bneý Noah üçin mahsus bolan kanunlary bilen baglanyşykly ählumumy böleklerini öwrenmäge rugsat berilýär diýip hasaplaýarlar, beýlekiler, ýedi buýrugy ýerine ýetirmek jogapkärçiligini öz üstüne almadyk ýewreý dälleriň we bütin Töwraty öwrenmäge rugsat berlen *koşer* Ben Noah arasynda tapawut goýýarlar. Bu pikir esasydyr.

20. Hudaýa wepalylyk ýollarynyň biri - Töwrat akyldarlary bilen baglylykda bolmak we olardan dogruçyl we päk ýüreklik häsiýetleri öwrenmekdir.

21. Töwratdaky haýsydyr bir şübheli meselede, öz rawwiniňe ýüzlenmeli we her kim muňa razy bolmasa-da, onuň görkezmesine laýyklykda hereket etmeli. Emma rawwiniň ýalňyşandygy aýdyň bolsa, onuň görkezmesine laýyklykda hereket etmek borjy ýok.

## 12-nji bap. Goşmaça buýruklar

"Guşlardan görnüşleri boýunça, mallardan görnüşleri boýunça we ýer ýüzünde hereket edýänlerden görnüşleri boýunça" (*Bereşit, 6:20*).

"… siziň teniňiz, Meniň siz bilen eden ähtimiň bakydygyny görkezer" (*Bereşit, 17:13*).

"Dogruçyllyk hem adalatlylyk bilen Rebbiň ýolundan ýöremekligi…" (*Bereşit, 18:19*).

Ýedi buýrukdan başga-da, Bneý Noah goşmaça buýruklar berildi.

**Görnüşleri garmaklyk**

1. Dürli agaçlary we haýwanlary çaknyşdyrmak gadagandyr. Munuň üçin jeza berilmeýändigine we şeýle çaknyşdyrylan miweleri ulanmaga we iýmäge rugsat berilýändigine seretmezden çaknyşdyrmak gadagandyr.

2. Bu kanuny ulanmak degişlikde haýsy zatlar bir görnüşli we haýsysy dürli görnüşlidigi bilen meşgullanýan alymlaryň pikirine laýyklykda amala aşyrylýar.

**Sünnet**

3. Bneý Noah buýrugy ýerine ýetirmek üçin sünnetlenmäge rugsat berilýär. Araplar üçin (Işmael nesilleri hökmünde) bu hökmany buýrukdyr we sekizinji günde sünnet etmek dogrydyr diýen pikir bar. Çaganyň kakasy ýewreý bolsa, ejesi ýewreý däl bolsa, rawwine ýüz tutmaly.

**Haýyr-sahawat**

4. Käbir ýewreý akyldarlary haýyr-sahawat buýrugy Bneý Noah buýruklaryna degişlidir diýip hasaplaýarlar. Şonuň üçin bu buýrugy ýerine ýetirmek gaty islenýär.

5. Maimonid şeýle ýazýar: “Haýyr-sahawatyň sekiz derejesi bar, biri beýlekisinden ýokary: Iň ýokary dereje,ondan ýokarysy ýok, adam entek mätäçlikde dälkä, ýöne onuň öňüsyrasynda bolsa, oňa kömek etmek, ssuda ýa-da sowgat bermek, ýa-da işdeş hökmünde çagyrmak ýa-da goldamak üçin iş tapmagyna kömek etmek, şonda oňa kömek soramak gerek bolmaz.

Ondan pesräk dereje: garyplara kömek etmek. Onda

berýän kime berýändigini, garyp adam bolsa kimden alýandygyny bilenok. Ynha, adamyň haýyr-sahawat fonduna haýyr-sahawat berilýän ýagdaýy muňa ýakyn. Ýöne haýyr-sahawat fonduna bagyşlap kömek etmek bu diňe onuň dolandyryjysynyň ynamdar we paýhaslydygy we sadakalary adalatly paýlaýandygy anyk belli bolsa muny etmeli.

Ondan pesräk dereje: berýän kime berýändigini bilýär, ýöne garyp adam kimden alýandygyny bilenok. Ysraýylyň beýik akyldarlary şeýdip, öýme-öý aýlanyp, garyplaryň gapysynyň aňyrsynda gizlinlikde pul goýupdyrlar. Bu mynasyp häsiýet we muny haýyr-sahawat ýygnaýan jogapkärler olary adalatly paýlamasa etmeli.

Ondan pesräk dereje: garyp adam kimden alýandygyny bilýär, ýöne berýän kime berýändigini bilenok. Ysraýylyň paýhasly adamlary garyplaryň utanman alyp gitmekleri üçin eşikleriniň arkasyna kiçi haltajyklar asyp, oňa pul goýupdyrlar.

Ondan pesräk dereje: adam entek soramadyk wagty sadakany elden ele bermek.

Ondan pesräk dereje: adam soranda sadaka bermek.

Ondan pesräk dereje: adamyň soranyndan az bermek, ýöne hoşniýetlik bilen.

Ondan pesräk dereje: gaýgyly ýüz bilen bermek.

Beýik akyldarlar her dogadan öň garyplara pul berip, soňra aýdylyşy ýaly: "Adalatda Seniň ýüzüňe synlaryn" diýip doga edipdirler.

6. Sdom we Amoranyň ýaşaýjylary haýyr-sahawat etmänligi sebäpli ol ýok edildi.
7. Ýewreýleriň öz ýurdunda berjaý etmeli – ruhany-kogen üçin hasylyň bir bölegini we hasylyň ondan birini aýyryp goýmak kanunlaryny Bneý Noah bu görnüşde berjaý etmegi hökmany däl. Şeýle-de bolsa, girdejiniň bir bölegini haýyr-sahawat, sadaka ýa-da dünýäde Beýik Biribar hakda bilimi berkitýän haýsydyr bir işe harç etmek ýaly uly hyzmat bar.

**Özüňi gelşikli alyp baryş**

8. Ysraýyl topragynda dürli görnüşli galla däneleri bilelikde ekilmegini gadagan edýän buýruk - galla dänesi üzümçiligiň içinde ösýän bolsa üzüm miwelerini ulanmak gadaganlygy, şeýle hem meýdanyň bir bölegini (*pea*) garyplar üçin goýmak buýrugy, düşüp galan galla başlaryny (*leket*) ýygnamak gadaganlygy, galdyrylan desse (*şihaha*), üzüm şahasynda aýratyn üzümleri we hasyl wagtynda düşen miweleri (*olalot*) ýygnamak gadaganlyklary Bneý Noah üçin hökmany däl, ýöne olary saklamak islenýär.
9. Ýakynyň kömege mätäç bolanda, meselem, awtoulagy ýolda durup galanda ýa-da ýüki düşüp galanda işiňi goýup, oňa kömek etmek islenýär.
10. Ýakynyň adama pul bergisi bar bolsa, esasanam karzy üzüp bilmejekdigi belli bolsa, oňa zor salmaly däl.
11. Bergidar adamyň pul gazanmagy ýa-da nahar bişirmegi üçin zerur bolan zatlaryny girew hökmünde

almaly däl. Girewi zorlyk bilen almaly däl, girew goýujy oňa zerur bolanda girewi yzyna gaýtarmak isleńýär. Dul aýaldan girew almaly däl.

12. Ýedinji ýylda (*şmita*) ýere dynç bermek we ýedinji ýylda bergileri bagyşlamak Bneý Noah (Nuhuň ogullaryna) buýruk berilmeýär.

**13-nji bap. Buýruklary goşmak**

"Rebbe ýapyşan keseki:"Reb meni Öz halkyndan bütinleý aýyrdy."diýmesin” (*Ýeşaýagu, 56:3*).

“Rebbe hyzmat etmek üçin, Rebbiň adyny söýmek üçin, Onuň guly bolmak üçin, Rebbe ýapyşan kesekileri, Sabat kanunymy harlaman ýerine ýetirýänleri, ähtimi berk saklaýanlary, mukaddes dagyma getirerin, doga Öýümde şatlandyraryn olary; bütinleý ýakma we başga gurbanlyklary gurbanlyk sypamda hoşniýetlik bilen kabul ediler; çünki Meniň öýüm ähli halklar üçin doga öýi diýlip atlandyrylar.” (*Ýeşaýagu, 56:6-7*).

1. Kanun görkezme berişi ýaly ýedi buýrugy ýerine ýetirilmegini öz üstüne alan Ben Noah sylag almak üçin Töwratyň buýran buýrukaryndan goşmaça haýsydyr bir buýrugy ýerine ýetirmek islese ol muny ýewreý kanunyň görkezmesi boýunça edip biler.
2. Käbir abraýly adamlaryň pikiriçe, bu buýruklar Sabat gününi we ýörite seneleri berjaý etmegi we Töwraty öwrenmegi hem öz içine alyp biler.
3. Ben Noah düýrlenen Töwrat kitabyny, tefillini ýa-da mezuza ýazmaly däldir we tefillini ulanmaly däldir.

4. Sabat gününi berjaý etmek buýrugy dünýäniň ýaradylandygyna şaýatlyk edýär. Şonuň üçin bu güni hormatlamak we mukaddes etmek dogry. Şonuň ýaly hem sabat – bu dynç alyş we Müsürden çykmagyň ýatlama güni, şol sebäpli bu gün işlemezlik islenýär. Sabat güni hakda kanunyň ýewreýlerden talap edýäninden tapawutlylykda Bneý Noah üçin iş - bu köp güýji talap edýän zähmet diýip hasaplanýar. Muny her milletiň kazylary öz watandaşlary üçin kesgitleýärler.
5. Ýewreý halkynyň Müsürden çykmagyny alamatlandyrýan Pesah baýramy, esasanam bu baýramyň ilkinji gijesinde geçiriljek Seder dabarasy, Pesah Hagadasynda ýazylan buýruklaryň köpüsini öz içine alýar. Sedere gatnaşýan Ben Noah *afikoman* iýmeli däldir.
6. Töwrat tarapyndan buýrulan ýörite seneler, şeýle hem Ysraýyl pygamberleri we akyldarlary tarapyndan girizilen seneler, şeýle hem agyz beklemek günleri ýewreý senenamasynda ýerleşdirilendir.
7. Ýörite seneler bilen baglanyşykly buýruklar bu – Täze ýylyň başynda şofary diňlemek, Sud gününde agyz beklemek, "dört görnüşli ösümlik" we Sukkotda Sukkada oturmak, Hanukka çyralarynyň ýakylmagy, Purim nahar iýmesi we Ester kitabyny okamak we şoňa meňzeş.
8. Ben Noah jaýyň girelgesinde bir mezuza dakmak islese bu belli bolar ýaly, Ben Noah mezuzasydygyny görkezmäge çalyşmaly - mysal üçin, 7 belgisini ýazmaly.
9. *Şaatnez* buýrugyny berjaý etmek, ýagny ýüň we zygyr

goşulyp dokalan matadan tikilen eşikleri geýmezlik islenýär.

10. Bneý Noah kabul edilmedik Töwratyň kanunlaryna görä, ýewreý üçin ritual hapalyga sebap bolýan köp zatlar bar. Ýöne şol bir wagtyň özünde erkek - tohumy dökülenden soň, aýal - aýbaşy gutarandan soň mikwada suwa çümmegi gowy.

11. Irden turup tebigy zerurlyklary eden soň ýa-da nahardan öň elleri ýuwmak gowy.

## 14-nji bap. Ahlakly edim-gylym

"Rebbiň nazarynda dogry we gowy işler ediň" (*Dwarim, 6:18*).

"Eý, adamzat, Reb ýagşynyň nämedigini saňa bildirdi. Adalaty berjaý etmekden, merhemeti söýmekden, Hudaýyňyzyň öňünde kiçi göwünli gezmekden başga Reb sizden näme talap edýär" (*Mika, 6:8*).

1. Töwratda: “Hudaýyň Reb senden näme talap edýär? Diňe, Hudaýyň Rebden gorkmak, ähli ýollaryna eýermek we Ony söýmekdir.”. “Onuň ýollaryndan gitmek” nämäni aňladýar? Akyldarlar muny şeýle düşündiripdirler: "Onuň rehimdar bolşy ýaly, sizem rehimdar boluň, Onuň merhemetli bolşy ýaly sizem merhemetli boluň, ýalaňaçlary geýindirişi ýaly, siz hem geýindiriň". Düzgün şeýle: adam ähli hereketlerinde edepli we ahlakly hereket etmeli, şonda gowy we dogruçyl ýollarynda Ýaradana meňzär.

2. Dogry ýola laýyklykda edim-gylymly bolmaly.

3. Özüňde endik edip we ösdürip, kanagatlanarly içki dünýäni döretmegiň sanyna şular girýär: adamlara bolan söýgi, jomartlyk, gaýduwsyzlyk, sypaýy daşky keşp, sadalyk, ýakymly gatnaşyk, utanjaňlyk, rehimdarlyk, şatlyk, asudalyk, gybatdan daşlaşmak, az zada kanagat, saklanmak, gujurlylyk, dogruçyllyk, hoşniýetlilik. Dogry ýola laýyk gelýänligini bilmek üçin hemişe adam hereketlerini oýlamaly we edim-gylymyny barlamaly.
4. Patyşa Şlomo: "Puly söýýän adamyň hiç haçan ýeterlik puly bolmaz" diýdi. Akyldarlarymyz: “Kim baý? Ykbalyndan  razy bolan adam " diýipdirler.
5. Adam üçin halanýan ýol – bu ruhy häsiýetleriň deňagramlylygyny gazanmak  we çenden çykmazlykdyr.
6. Adam ähli işlerini birbada düzedip bilmese-de, olary hemişe gowulaşdyrmaly we kämilleşdirmeli, şeýlelik bilen adam ýagşylyga we dogruçyllyga öwrenişip biler, sebäbi adam endige eýermäge ýykgyn.
7. Adam çagalarynda gowy ruhy häsiýetleri we dünýä barada dogry garaýyşlary terbiýelemeli. Çagalaryny terbiýelemeýän adam olary ýigrenýän ýalydyr.

**Praktiki maslahatlar**

8. Adamyň özüni alyp baryşy Hudaýyň adyna dil ýetirmezlik üçin, ýagny ol sebäpli Taňrynyň adyna, Onuň Töwratyna we kanunlaryna ýa-da Ysraýyl halkyna dil ýetirmezlik üçin ol gaty seresap bolmalydyr. Eger adamyň hereketleri olara bolan hormatyň artmagyna getirse, onda bu Hudaýyň adyny mukaddes etmek hasaplanýar.

9. Adamyň wada beren zatlaryny berjaý etmegi, diňe ýüregindäki zatlary aýtmagy we ýalandan daşlaşmagy isleýär.
10. Adam özüni başgalara ogurlyk edýän ýaly ýa-da başga bir mynasyp däl zat edýän ýaly görünýän alyp barmaly däldir.
11. Körleriň ýoluna böwet goýmak we kerleri näletlemek bolmaýar. Bu düzgün bir adamyň düzgüni bozmagyna getirýän gadaganlyga hem degişli, sebäbi düzgüni bozyan kör ýaly bu hereketiniň gadandygyny bilmeýär. Şol sebäpli adamlaryň edýän günälerinde ýardam bermeli däldir.
12. "Körlere päsgelçilik döretmek" gadaganlygyna ýakynyňa erbet maslahat bermek gadaganlygy, has hem şu ýagdaý, maslahat berýän öz şahsy bähbiti üçin erbet maslahat bermek gadaganlygy hem girýär.
13. Arkasyz gelmişek adamlara rehimdarlyk etmeli we olara zyýan bermeli däl. Dul aýallary, ýetimleri we her garyp düşen adamy gamlandyrmaly däldir we olara hormat goýulmalydyr.
14. Ýakynyňy söz ýa-da iş bilen gamlandyrmaly däl, oňa dert ýa-da utanç çekdirmeli däl. Akyldarlar: "Adam, köpçülikde ýakynyny utandyrandan, özüni otly peje zyňsa gowy bolar" diýip aýtdylar.
15. Jedel  we dawa etmegiň geregi ýok.
16. Akyldarlar: "Dostuňyz gaharlananda göwnüni almaň

we ýakyny ölüp, öňünde ýatanda oňa teselli bermäň we erbet hereket edeninde ony görmezlige çalyşyň" diýdiler.

17. Öz işiň bilen meşgul bolmak – bu hem Gudratygüýçlä gulluk etmegiň bir ýoludyr. Akyldarlar: ogluna hünär öwretmeýän adam, oňa ogurlygy öwredýän ýaly, diýip aýdýarlar.

18. Janyň we teniň sagdyn we abat bolmagy – bu hem Gudratygüýçliniň ýoludyr, şonuň üçin adam saglygy barada alada etmeli we saglyga zyýanly zatlardan gaça durmalydyr.

19. Adama hemişe töweregindäki köpçülik uly täsir edýär, şonuň üçin özüne peýdaly täsir etjek gowy we dogruçyl adamlary dost hökmünde saýlamak maslahat berilýär. Adam akylly we dogruçyl adamlar bilen gatnaşyp, bozulan köpçülikden mümkin boldugyça uzak saklansa gowy.

**Rehimlilik**

20. Merhemet we rehimdarlyk manysy boyunça Töwratyň ähli tabşyryklary bilen deňleşýär, ýöne merhemet diňe dirilere, rehimdarlyk bolsa  dirilere-de, ölülere-de görkezilip bilner.Merhemet diňe garyplara, rehimdarlyk garyplara-da, baýlara-da görkezilýär. Merhemet diňe adamyň emlägine, rehimdarlyk - emläge we adama görkezilýär.

21. Rehimdarlyga myhmansöýerlik hem girýär we bu Awraǵamyň ýoludyr.

22. Syrkawy görmäge barmak hassanyň göwnüni göterýär we zerurlyklaryna ünsi çekýär.

23. Gelin bilen ýigidi şatlandyrmak zerur. Eger olar garyp bolsa, durmuş gurmaklary üçin olara maddy taýdan kömek etmeli.
24. Rehimdarlyk gam çekýänlere - merhumyň garyndaşlaryna teselli bermegi hem öz içine alýar. Muny eden adam dirilere-de, ölülere-de rehimdarlyk edýär.
25. Adam ölen garyndaşy üçin ýas tutmalydyr, mazar başynda söz aýdylmalydyr we jaýlanmalydyr, muny ölen güni etmek maslahat berilýär. Bu jogapkärçilik esasan merhumyň ýakyn garyndaşlaryna - adamsyna ýa-da aýalyna, kakasyna we ejesine, ogluna we gyzyna, doganyna we uýasyna degişlidir.
26. Örän möhüm zat we beýik rehimdarlyk - bu ony jaýlap biljek hiç kimi ýok adamy jaýlamakdyr.
27. Merhumy soňky ýoluna ugradan her bir adam oňa rehimdarlyk edýär.

**Toba**

28. Ýakynynyň günä edýändigini gören her bir adam rahat we oňaýly görnüşde oňa erbet iş edýändigini düşündirmeli. Nesihat ýakynyna bolan söýgi duýgusyna esaslanmalydyr we onyň göwnüne degmeli däldir.
29. Adam ýene günä etsede, Hudaýa gaýdyp gelip erbet işlerine toba edip biler. Tüýs ýürekden toba eden adam ýene-de Ýaradyjysyna söýgüli we ýakymly, dost we ýakyn bolýar we ähli jenaýatlary bagyşlanýar.
30. Toba etmek üç bölekden ybarat: bolan zada ökünmek, kalbyňdakyny aýtmak - toba we bu erbet işi hiç haçan

gaýtalamazlyk üçin borçnama almak. Kalbyňdakyny aýtmak bu Rebbiň huzurynda durup we günäleriňi şeýle: “Gudratygüýçli, haýyş edýärin. Saňa garşy günä etdim, muny… we şuny... etdim, indi eden işlerime ökünýärin we mundan beýläk hiç haçan beýle iş etmerin" diýmek bilen boýun almagy aňladýar.
31. Eger bir adam ýakynynyň öňünde günä eden bolsa, ondan bagyşlama soramalydyr.
32. Bagyşlama sorajak ýakynyňy geçirmeklige taýýar bolmaklyk we özüne erbetlik edenden öç almazlyk islenýär. Ahlak ýoly bu ýürekden doly bagyşlamak we edilen ýamanlygy unutmakdyr.

**Parahatlyk**

33. "Hakykaty we parahatçylygy söýüň." Reb: "Parahatlyk, uzakdaka we ýakyndaka parahatlyk, men oňa şypa bererin" -diýdi.
34. "Ýamanlykdan gaça duruň we ýagşylyk ediň, parahatçylyk gözläň we ony yzarlaň." Akyldarlar düşündiripdirler: ony öz ýeriňden gözle we başga ýerden yzarla.
35. Ǵilel: "Aǵaronyň şägirdi boluň, parahatçylygy söýüň we parahatçylyk gazanyň, adamlary söýüň we olary Töwrata ýakynlaşdyryň" -diýdi.
36. Jedellerden uzak durmaly we dünýäde söýgini we doganlygy, parahatçylygy we dostlugy artdyrmaly.
37. Şonuň üçin hemişe adamyň we onuň ýakynynyň, är-aýalyň arasynda parahatçylygy ýola goýmaga çalyşmaly

we hemişe parahatçylyga gönükdirmeli.
38. Parahatçylyk beýik we ähmiýetine gorä, beýleki hemme zatlar bilen deňdir. Bereket diňe parahatçylygyň haýsy bolsa-da bir ýerinde durup biler, hatda Beýik Biribaryň ady hem - Parahatçylykdyr.